«7/24.tm»: «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy
№ 32 (219)
05.08.2024

# TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24.tm



**2024-nji ÝYLYŇ 16-njy AWGUSTYNDA TÜRKMENISTANYŇ FUTBOL ÇEMPIONATYNYŇ ÜÇÜNJI AÝLAWYNA BADALGA BERLER.**



# HEPDÄNIŇ HABARLARY

◆ **29.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow oba hojalyk pudagynyň ýolbaşçylary bilen iş maslahatyny geçirdi. Oňa Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň käbir orunbasarlary, welaýatlaryň häkimleri, ugurdaş ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, beýleki degişli ýolbaşçylar çagyryldy.

◆ **29.07.2024 ý.** Paýtagtymyzda Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň X, Zenanlar birleşiginiň Merkezi G-eňeşiniň XVII mejlisleri geçirildi. Olaryň barşynda guramaçylyk meselelerine garaldy.

◆ **29.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Marokkonyň Patyşasy Mohammed VI-a milli baýram — Tagta geçmek güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **30.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýadro synaglaryny ählumumy gadagan etmek barada şertnamasy guramasynyň (CTBTO) Ýerine ýetiriji sekretary Robert Floýdy kabul etdi.

◆ **30.07.2024 ý.** Türkmenistanyň daşary işler ministri, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-eýran toparynyň türkmen tarapynyň başlygy R.Meredow hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Eýran Yslam Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy hem-de bu ýerde Eýran Yslam Respublikasynyň täze saýlanan Prezidenti Masud Pezeşkianyň wezipä girişmek dabarasyna gatnaşdy.

◆ **31.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Elizabet Rudy kabul etdi.

◆ **31.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktary kabul etdi.

◆ **01.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Prezidenti Wiola Amherde ýurduň milli baýramy — Konfederasiýa güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **01.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hökümet agzalary bilen nobatdaky zähmet rugsadyna çykdy.

◆ **03.08.2024 ý.** Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine nobatdaky iş saparyny amala aşyrdy.

**www.tdh.gov.tm**



# TURKMEN ATHLETES TAKE PART IN OLYMPICS 2024 OPENING CEREMONY IN PARIS

The Opening Ceremony of the XXXIII Summer Olympic Games, involving the athletes from Turkmenistan, took place in the capital of France. The Turkmen Olympic delegation consists of 6 athletes who perform in 4 sports: judo, athletics, swimming and weightlifting.

For the first time in the history of the Summer Olympic Games, the Opening Ceremony took place not in the stadium, but in the heart of the city. It started with a spectacular parade of athletes: the participants of the 2024 Olympic Games sailed in a boat on the Seine River. All the national delegations participating in the Olympic Games paraded along the Seine in front of numerous spectators who had gathered in the stands along the embankment. They included the Turkmenistan national team. The column of the Turkmen Olympic athletes was led by the standard-bearer, the first ever Judo Grand Slam champion Serdar Rakhimov. The Turkmen Olympic athletes in Paris are tasked to raise the authority and prestige of Turkmen sports as high as possible.

# ÜSTÜNLIKLERIMIZE BUÝSANÝARYS

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ähli ulgamlar bilen bir hatarda ýokary sportda uly ösüşlere ýetilýär. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, Türkmenistanyň sport diplomatiýasy uly üstünliklere ýetip, sport arkaly halklaryň, döwletleriň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmekde täze netijeler gazanylýar.**

**Olimpiýaçy türgenlerimiziň Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilýän XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga ýollanma gazanmaklary buýsandyryjy ýagdaýlaryň biridir. Şeýle sport çäreleriniň geçirilmegi, milli türgenlerimiziň olara gatnaşmaklary barada maglumatlary sapaklarda baglanyşdyryp öwretmek körpe nesilleri, mekdep okuwçylaryny watansöýüjilik ruhunda terbiýelemäge mynasyp ýardam berýär.**

**Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesillerimiziň bilim-terbiýesi beden terbiýesi bilen utgaşykly alnyp barylýar. Bedenterbiýe sapaklarynda meşhur türgenlerimiziň gazanýan netijeleri, olaryň gatnaşýan halkara ýaryşlary, ýurdumyzda guralan we geçirilen iri halkara sport bäsleşikleri bilen bagly maglumatlaryň yzygiderli ýatlanylmagy, sport ulgamynda ýetilýän sepgitler, gazanylýan netijeler bilen tanyşdyryp durmak ýaş we körpe nesillerde uly gyzyklanma döredýär hem-de olaryň dersleri yhlas bilen öwrenmeklerine ýardam berýär. Surat sapaklarynda sportuň dürli görnüşlerinden pursatlaryň, meşhur türgenlerimiziň şekillerini çekmegi öwretmek, matematika sapaklarynda goşmak, aýyrmak, köpeltmek, bölmek amallary öwredilende milli türgenlerimiziň gazanan netijeleri bilen baglanyşykly sanlaryň getirilmegi mekdep okuwçylarynyň köpçülikleýin bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga, sagdyn durmuş ýörelgelerine uýmaga höweslerini artdyrýar.**

**Bize işlemäge, döretmäge ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk arzuw edýäris. Ýurdumyzyň sport abraýyny belende göterýän milli türgenlerimize abraýly halkara sport bäsleşiklerinde hemişe üstünlik arzuw edýäris.**

**Dilfuza ÖWLÝAKULOWA,**
**Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynyň Dostluk şäherindäki 40-njy orta mekdebiň başlangyç synp mugallymy.**

# ТУРКМЕНИСТАН

# НА ПАРИЖСКОЙ ОЛИМПИАДЕ




**Первый шаг туркменской делегации во Франции был сделан в аэропорту. За часы и минуты, проведенные в полёте, моменты, ожившие наяву, были подобны сну. Ведь сегодня туркменские спортсмены собрались в столице Франции, чтобы принять участие в большом спортивном празднике. Все мы рисовали в своем воображении результаты встречи лицом к лицу с Парижем. На наше «Салам, Париж!» ответили волонтеры, «Добро пожаловать, Туркменистан».**

**ПЕРВЫЕ МОМЕНТЫ**

Приятно смотреть на зеленый стяг Туркменистана среди реющих в Олимпийском кампусе флагов. Для этого не обязательно быть сентиментальным. Вдали от отечества, в месте, где виден твой зеленый флаг, чувства сами находит тебя. Вернее, они даже не удосуживаются тебя искать, они проникают прямо в душу. И тут в глазах появляются капли слез. Тогда хочется задуматься: «Нужны ли глаза, чтобы раскрыть внутренние чувства?» Но пришло время их выразить. Нас ждут соревнования – испытания летних Олимпийских игр.

**ЦЕРЕМОНИЯ ОТКРЫТИЯ**

У каждой Олимпиады есть официальный талисман. Эта традиция была продолжена и на Парижских играх. Главными символами Парижской Олимпиады стали река Сена и Эйфелева башня. Большинство людей думают об Эйфелевой башне, когда говорят о Париже. Когда говоришь об Олимпиаде в Париже, это чувство тоже не покидает тебя. С момента появления первых новостей о том, что соревнования будут проходить на Сене, она по популярности превзошла даже Лувр. Поэтому, говоря о церемонии открытия Олимпийских игр, невозможно не упомянуть Эйфелеву башню и реку Сену. Но мы с еще большим чувством гордости становимся свидетелями того, как туркменская делегация проходит круг почета на спортивном празднике планеты, размахивая зеленым флагом нашей страны. Невозможно передать восторг спортсменов и тренеров, одетых в спортивную форму, вобравшую в себя национальные особенности туркменского народа.

**ПЕРВЫЕ СОРЕВНОВАНИЯ**

26 июля 2024 года состоялась церемония открытия летних Олимпийских игр, проводимых раз в 4 года. А ведь первые соревнования парижской Олимпиады начались 24 июля, когда туркменская делегация только направлялась во Францию. В этот день на поле вышли футболисты. 25 июля стартовали предварительные соревнования между олимпийцами по гандболу и стрельбе из лука. После этого началась борьба за призовые места в других видах спорта, и были объявлены обладатели первых медалей.

**САМЫЙ МОЛОДОЙ СУДЬЯ**

Когда мы с гордостью отмечаем участие туркменской делегации в церемонии открытия очередных летних Олимпийских игр, объединяющих самых элитных спортсменов из около 200 стран мира, нельзя не отметить, что в Олимпийских играх в Париже участвует и самый молодой судья из Туркменистана. Генеральный секретарь Федерации тяжелой атлетики Туркменистана, член технического комитета Международной федерации тяжелой атлетики Чарыгелды Мамедов участвует в крупных соревнованиях в качестве судьи международного класса. Он прошел испытания чемпионатов мира и Азиатских игр и был приглашен судить на Олимпийские игры в Токио. При отборе судей, представляющих азиатский регион, выбор Чаригельды Мамедова из Туркменистана считается закономерным. Тот факт, что он является самым молодым судьей по тяжелой атлетике на Парижской Олимпиаде, дает нам повод с гордостью подчеркнуть, что наш соотечественник входит в число самых опытных судей.

**МЫ ЗАВЕРШАЕМ СВОЙ РАЗГОВОР, НО ОЛИМПИЙСКИЕ ИГРЫ ПРОДОЛЖАЮТСЯ**

Для меня, как для члена олимпийской команды, большая ответственность участвовать в проходящем спортивном празднике в Париже. Хотя со стороны может показаться, что спортсменам легко все дается, ответственность взваливается на их плечи тяжелая. Это требует многих лет упорного труда. И теперь пришло время пожинать его плоды. Итак, когда мы уже завершаем свой разговор, Олимпийские игры в Париже продолжаются. Это означает, что спортсмены и тренеры готовы оправдать возложенное на них доверие. Желаем успехов и процветания туркменским спортсменам и специалистам и заканчиваем разговор о первых впечатлениях, полученных в столице очередных летних Олимпийских игр.

**Ходжаберди АПБАЕВ,**
**Ашхабад — Париж.**








### AINURA PRIMOVA IS ONE OF YOUNGEST OLYMPIC ATHLETES

◆ Ainura Primova is one of youngest Olympic athletes

The qualifiers for the women's 100-metre backstroke at the 2024 Summer Olympics ended. Ainura Primova finished third in her heat with a result of 1:10.17, but this result did not let her qualify for the semi-finals.

The 16 athletes with the best time reached the semi-finals. The 17-year-old Turkmen swimmer, who debuted at the Olympics in Paris, ranked 35th in the overall standings and pulled out of the fight for medals.

Primova is one of the youngest participants in the Olympic swimming event. It should be noted that she set 3 national records in the backstroke events at the 2023 World Aquatics Junior Championships: 50-metre – 31.60, 100-metre – 1:07.67, 200-metre – 2:29.24.

### MUSA ZHALAEV OUTPACES 18 RIVALS

◆ A Turkmen swimmer Musa Zhalaev made his debut at the Olympic Games in Paris, competing in the 100-metre freestyle. The 21-year-old athlete posted a time of 52.29 seconds in the qualifier, which let him rank 61st ahead of 18 rivals.

Zhalaev competed in the third qualifier and finished fourth. However, this result did not let him qualify for the semi-finals, where the 16 best swimmers were to perform based on the results of all the preliminary heats. Jack Alexy from the United States won the qualifier with a time of 47.57 seconds.

Musa Zhalaev is a student from the International University of Oil and Gas and a national record holder in several disciplines. His best result in the 100-metre freestyle is 51.63 seconds, set in 2023.

## TURKMEN JUDOKAS HAVE COMPLETED THEIR PERFORMANCES AT THE 2024 OLYMPICS

◆ Turkmen judokas have completed their performances at the Paris 2024 Olympic Games.

On July 28 Serdar Rahimov had two fights in the 66 kg weight category. In the first of them he defeated Edmilson Pedro from Angola, and in the 1/8 finals he lost to silver medalist Willian Lima (Brazil).

On July 29 a student of the Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports Maysa Pardayeva won the first 57 kg weight class match against Chinese Cai Qi, and lost in the 1/8 finals to 32-year-old more experienced Brazilian Rafaela Silva.

20-year-old Serdar Rahimov was entrusted with the right to become the flag bearer of the Turkmen national team at the opening ceremony of the 2024 Olympic Games. He won gold medal at the Dushanbe Grand Slam 2024 tournament in Tajikistan, and 19-year-old Maysa Pardayeva was awarded a bronze medal at the Antalya Grand Slam 2024 tournament in Turkey.

Both Turkmen judokas are still young and therefore we can hope that they will achieve many more victories on the world stage.

**www.sportcom.gov.tm**



# MILLI TÜRGENLERIMIZ

## TOMUSKY OLIMPIÝA OÝUNLARYNDA

### Döwranbek HASANBAÝEW

◆ Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabyndan agyr atletikaçy türgenimiz Döwranbek Hasanbaýew üstümizdäki ýylyň aprel aýynda Tailand Patyşalygynyň Phuket şäherinde geçirilen Dünýä kubogynda 102 kilograma çenli agram derejesinde ilkinji bäslige düşdi. Ol silkip götermekde altyn medal gazandy we 18 görkeziji esasynda iki synanyşygyň jemi boýunça 102 kilograma çenli agram derejesinde iň gowy 10 agyr atletikaçynyň sanawyna girdi. Milli türgenimiz bu Kubokda gazanan ýokary netijeleri bilen XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga hukuk gazandy.

Indi Döwranbek Hasanbaýew 10-njy awgustda «Pariž Ekspo Port de Wersal» desgasynda dünýäniň iň güýçli agyr atletikaçylarynyň hatarynda medallar ugrunda göreşer.

### Serdar RAHYMOW

◆ 20 ýaşly türgenimiz Serdar Rahymowa üstümizdäki ýylda Latwiýanyň Riga we Polşanyň Warşawa şäherlerinde geçirilen Dzýudo boýunça Halkara ýaryşlarynda 66 kilograma çenli agram derejesinde gazanan kümüş medallary XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga ýollanma gazanmaga mümkinçilik berdi.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda bilim alýan ýaş türgenimiz 28-nji iýulda dzýudo boýunça ýaryşlary kabul eden «Gran-Pale-Efemer» desgasynda medallar ugrunda güýjüni synady.

Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabyndan 20 ýaşly dzýudoçy türgenimiz arzyly Olimpiýa oýunlaryna ýollanma gazanmagyň ugrunda soňky iki ýylyň içinde iri halkara ýaryşlarda 6 medal, şol sanda «Uly tuwulga» dünýä ýaryşlar tapgyrynyň Täjigistanda geçirilen «Dushanbe Grand Slam — 2024» atly abraýly ýaryşynda 66 kilograma çenli agram



derejesinde Türkmenistanyň taryhynda ilkinji altyn medaly gazandy. Ol derejesi boýunça Olimpiýa oýunlaryndan we dünýä çempionatlaryndan soň iň abraýly ýaryş hasaplanýar.

### Maýsa PARDAÝEWA

◆ 2024-nji ýylda Polşanyň Warşawa şäherinde geçirilen dzýudo boýunça Ýewropanyň açyk çempionatynda 57 kilograma çenli agram derejesinde gazanan altyn medaly we beýleki üstünlikleri Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda bilim alýan 19 ýaşly türgen gyzymyz Maýsa Pardaýewa XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga ýollanma almaga hukuk berdi.

Maýsa Pardaýewa 29-njy iýulda geçirilen tutluşyklarda güýjüni synady. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabyndan 19 ýaşly zehinli türgenimiz Olimpiýa oýunlaryna gatnaşan türgenleriň saýlama tapgyryndaky wekilçilikli halkara ýaryşlarda 57 kilograma çenli agram derejesinde 7 medala, şol sanda Hytaýyň Hançžou şäherinde geçirilen XIX tomusky Aziýa oýunlarynda we Türkiýede geçirilen «Uly tuwulganyň» «Antalya Grand Slam — 2024» ýaryşynda bürünç medallara mynasyp boldy.

### Walentina MEREDOWA

◆ 39 ýaşly türgenimiz Walentina Meredowa 100 metr aralyga ylgamak boýunça Türkmenistanyň köp gezek çempiony we rekordçysydyr. Ol milli ýygyndy toparyň hem iň tejribeli türgenidir. 2008-nji ýylda Pekinde geçirilen tomusky Olimpiýa oýunlarynda ýurdumyza wekilçilik eden milli türgenimiz XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda 2-nji awgustda «Stad de Frans» stadionynda ylgaw ýaryşlaryna gatnaşdy.

### Aýnura PRIMOWA

◆ 17 ýaşly Aýnura Primowa suwda ýüzmek boýunça milli we halkara derejeli ýaryşlarda üstünlikli çykyş edip, XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga mümkinçilik alan iň ýaş türgenimizdir. Ýaş türgenimiz 29-njy iýulda «Pari-La-Defans» toplumyndaky suw ýodalarynda 100 metr aralyga arkanlygyna ýüzmek boýunça geçirilen bäsleşiklerde güýjüni synady.

### Musa ŽALAÝEW

◆ 21 ýaşly Musa Žalaýew suwda ýüzmegiň birnäçe nusgasy boýunça ýurdumyzyň rekordlaryny täzelemäge ýetişdi. XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda Ý. Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde bilim alýan ýaş türgenimiz 100 metr aralyga erkin ýüzmekde suw ýodasyna düşdi. Bu pursatlara 30-njy iýulda «Pari-La-Defans» toplumynda şaýat bolundy.

**Geldimyrat SOLTOWOW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# HALKYŇ SÖZI HAK BOLAR

◆ Gahryman Arkadagymyzyň golaýda, has takygy, 20-nji iýulda türkmen halkynyň şöhratly ata-babalarynyň döwleti dolandyrmakda toplan köpasyrlyk tejribesine daýanyp, olaryň parasatly wesýetlerine eýerip, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm meselelerini çözmäge ilatyň wekilleriniň giňden gatnaşmagyny üpjün etmek, jemgyýetiň agzybirligini, jebisligini berkitmek, milli demokratiýany ösdürmek boýunça gazanylan üstünlikleri döredijilikli kämilleşdirmek hem-de Türkmenistanyň halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edarany — Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini şu ýylyň 24-nji sentýabrynda Aşgabat şäherindäki Maslahat köşgünde guramaçylykly geçirmek maksady bilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň degişli Kararyna gol çekmegi ähli türkmenistanlylarda çuňňur buýsanç duýgusyny döretdi.

Mertligiň we watanperwerligiň müdimilik nusgasy bolan «Görogly» şadessanynda Jygalybegiň: «Il halkyň bir iş tutsa, sen ondan galyjy bolma» diýip, ýaşajyk Röwşene eden pent-nesihaty türkmeniň şan-şöhratyny äleme ýaýjak Görogly begiň döremegine iňňän ýiti täsir edýär. Hakykatdan hem, taryha ser salanyňda halk bilen bir jan, bir ten bolan gerçekleriň ady dillerde hem aňlarda ebedi ýaşaýar. Elbetde, munuň aňyrsynda halkyň şol edermen şahsyýetlere bolan buýsanjy hem guwanjy durýar.

Il alkyşyny almak — sogaply iş. Munuň üçin seniň ilki bilen, öz bähbidiňi däl-de, köpçüligiň bähbidini arap biljek giň gözýetimiň, çuňňur akyl-paýhasyň bolmagy zerur. Gahryman Arkadagymyzyň dillerde sena öwrülen «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer şygary bu gün kämil pederiniň mynasyp dowamy bolup, ýurduny ösüşlerden-ösüşlere alyp barýan hormatly Prezidentimiziň: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen buýsançly sözleri bilen täzeçe röwüşde, belentden ýaňlanýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlaryny has-da berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak üçin ählihalk hereketini ýaýbaňlandyrmak, jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we kanunçylyk-hukuk ulgamlarda täze sepgitlere ýetmek, iň täze taryhymyzda gazanylan üstünlikleri wagyz etmek maksady bilen döredilen Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwlet bilen halkyň arasyndaky synmajak, berk binýatly köprüdir. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan, şeýle-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň yhlasy bilen durmuşa geçirilýän oňyn içeri we daşary syýasatymyzyň, amala aşyrylýan il bähbitli tutumly işleriň gözbaşy hut Türkmenistanyň Halk Maslahatynda orta atylýan döwletli pikirlerden we geňeşlerden gözbaş alyp gaýdýar. Beýle diýmek ýurdumyzyň bu günki okgunly ösüşine halk bilen bilelikde çözülýän çözgütleriň, tutulýan döwletli tutumlaryň täsiriniň diýseň ýokarydygyny aňladýar diýmekdir. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň üstünlikli geçirilmegini tüýs ýürekden arzuw edýäris. Goý, il bähbitli geňeş tutup, halkyny agzybirlikde belent menzillere alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun.

**Berdinýaz KERIMOW,**
**Tejen etrabynyň prokurorynyň kömekçisi, 2-nji derejeli ýurist.**

# YNAM, YHLAS ÝEŇŞE ALYP BARÝAR

◆ Halkymyza sowgat beren ilkinji kitabyny «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» diýip atlandyrmagy hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň kuwwatly ösüşini we ýagty geljegini ýaş nesillerde görýändigini we olara bolan uly ynamynyň aýdyň beýanydyr. Bu uly ynamdan ruhlanýan we sporty aýrylmaz hemrasyna öwürýän ýaş türgenlerimiz abraýly halkara sport ýaryşlaryna gatnaşyp, ýeňiş münberinde ýaşyl Tugumyzy belentde parladýarlar.

«Boljak ýigit başdan belli» diýlişi ýaly, ýaşlygyna garamazdan, ençeme abraýly ýaryşlara gatnaşyp, üstünlikli netijeleri görkezmegi başarýan türgenlerimiziň biri-de Alp Arslan Begenjowdyr. Türkmenistanyň erkin göreş boýunça ýetginjekler ýygyndysynyň agzasy



Alp Arslan Begenjow özüniň tutanýerliligi hem-de maksada okgunlylygy bilen sport äleminde ýeňişlerini dowam etdirýär. Ýaş türgene nobatdaky ýeňiş Taýlandyň Siraça şäherinde geçirilen 20 ýaşa çenli türgenleriň arasyndaky Aziýanyň çempionatyna gatnaşmagy bilen miýesser etdi. Milli türgenimiz bu çempionatda altyn medala eýe boldy.

Bu ýeňiş ýaş pälwanyň 79 kilogram agram derejesinde çykyş edip, 11 türgen bilen tutluşygynda gazanan üstünligidir. Alp Arslan Begenjow üçin ýeňişler goşalanyp gelýär diýsek hem ýalňyşmarys. Sebäbi ol bu möwsümde Iordaniýanyň Amman şäherinde erkin göreş boýunça Aziýa çempionatynyň (U23) bürünç medalyna hem mynasyp bolupdy.

Ýaş pälwanyň şowly çykyşlarynyň sanawyna 2022-nji we 2023-nji ýyllarda 17 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynda Rumyniýada geçirilen «Constantin Alexandru & Ioan W. Popovici» atly halkara derejeli ýaryşyň altyn medallaryna iki gezek mynasyp bolmagyny, 2022-nji ýylda Bişkek şäherinde geçirilen Aziýa çempionatynda 65 kilograma çenli agram derejesinde ýetginjekleriň arasynda çempion bolmagyny, şeýle-de bu abraýly ýaryşyň 2023-nji ýyldaky sanynda 71 kilograma çenli agram derejesinde çykyş edip, hormat münberiniň üçünji basgançagyna çykmagyny hem-de Türkiýede geçen halkara ýaryşda 74 kilogram agram derejesinde çykyş edip, bürünç medala eýe bolmagyny uly buýsanç bilen goşup bileris.

Biz hormatly Prezidentimiziň ýokary sportda ýurdumyzy dünýä tanatmakda, Türkmenistanyň sport diplomatiýasyny ösdürmekde alyp barýan işlerinden, ýaşlara bildirýän belent ynamyndan ruhlanyp, yhlas bilen irginsiz türgenleşiklerini dowam etdirýän ýaş türgenimiziň ýeňişleriniň dowamat dowam bolmagyny arzuw edýäris.

**Täzegül AZIZOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# MEKDEP BAZARLARYNA HOŞ GELDIŇIZ!




◆ Halkymyzda ata-babalarymyzdan, ene-mamalarymyzdan däp bolup gelýän ajaýyp edim-gylymlar bar. Şolaryň biri hem toýlara mynasyp taýýarlyk görmek däpleri. Ata-enelerimiz üçin çagalarynyň täze durmuş ýoluna gadam basmagy bilen bagly her bir güni toý, her bir güni baýram.

Şol toý-baýramlaryň iň naýbaşylarynyň biri hem çagalaryň uly hyjuw, uly höwes bilen orta mekdebiň bosagasyndan ätleýän pursatlary. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagynda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, bu şanly gün — 1-nji sentýabr güni ýurdumyzda Bilimler we talyp ýaşlar güni hökmünde toý-baýram çärelerine beslenýär. Bu baýrama, şeýle hem öňde duran okuw ýylyna ähli esbaplar bilen üpjün, mekdep lybasynda barmak üçin ýurdumyzyň paýtagtynda we obadyr şäherlerinde ýörite mekdep bazarlary guralýar.

Bu ýyl hem şeýle boldy. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň 19-njy iýulda bolup geçen nobatdaky mejlisinde ilatyň dürli görnüşli harytlara bolan isleglerini yzygiderli öwrenip, içerki bazaryň bolçulygyny artdyrmagyň möhümdigini nygtap, ýolbaşçylara degişli tabşyryklary berdi. Bu tabşyryklar esasynda ýurdumyzyň welaýatlarynda we etraplarynda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde şu ýylyň 1-nji awgustyndan — 5-nji sentýabryna çenli dowam etjek mekdep bazarlary işläp başlady.

Bu mekdep bazarlaryny okuwçylaryň we olaryň ata-eneleriniň isleglerini doly kanagatlandyrýan ýokary hilli, gözegelüwli, milli haryt nyşanly önümler bilen üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi öz garamagyndaky kärhanalary we ýurduň önüm öndürijileri, haryt getirijileri bilen hyzmatdaşlyk esasynda degişli işleri amala aşyrdy. Häzirki wagtda hereket edýän mekdep bazarlarymyzda okuw esbaplary, okuwçy we sport egin-eşikleri, aýakgaplar we beýleki önümlerdir harytlar sarp edijilere hödürlenýär. Olaryň aglabasynyň, Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagynda we hormatly Prezidentimiziň öňde goýýan ýurdumyzda importyň ornuny tutýan ýokary hilli milli önümlerimizi öndürmek babatda tabşyryklaryny ýerine ýetirmegiň barşynda öndürilýän milli haryt nyşanly önümlerimizdigi buýsandyryjydyr.

Hawa, halkymyz üçin geljegimiziň eýeleri bolan ösüp gelýän ýaş we körpe nesillerimiziň göwün şatlygy toý-baýrama deň mukaddeslik. Parahat, asuda, agzybir jemgyýetde ýaşaýan, Berkarar döwletde gurýan, döredýän halkymyz ata-baba dowam edip gelýän «toý lybasy», «toý köýnegi», «toý dony» diýen ýaly düşünjeleri şu günki bagtyýar zamanamyzda hem gündelik durmuşynyň aýrylmaz hemrasyna öwrüp gelýär. Ynha, bagtyýar körpeler üçinem, ata-eneler üçinem şol arzyly pursat — Bilimler we talyp ýaşlar güni — 1-nji sentýabr bosagadan ätlär. Hakyky toý lybasyna giren, täzeje mekdep bukjalaryny okuw kitaplaryndan, depderlerden, galamdyr beýleki esbaplardan doldurup, mekdebe sary gadam goýýan bagtyýar çagalarymyz, olaryň gollaryndan tutup barýan bagtyýar ata-enelerimiz bu abadan, asuda, bagtyýar döwri peşgeş beren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş sözlerini aýdarlar.

**Mamagül JORAÝEWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# OLIMPIADANYŇ ALAWY



◆ 2024-nji ýylyň 26-njy iýulynda XXXIII tomusky Olimpiadanyň açyljak gününde Parižiň Sen-Deni etrabynyň çäginde ýerleşýän Olimpiýa obasyna getirildi. Sena we Sen-Deni ugry boýunça geçip, Fransiýadaky iň soňky — 68-nji duralgasyny amala aşyran alawyny Olimpiýa obasyndaky türgenler we tälimçiler gyzgyn garşyladylar.

Olimpiýa alawynyň estafetasyna meşhur türgenler, medeniýet we sungat ulgamynyň ýyldyzlary, şeýle-de görnükli jemgyýetçilik işgärleriniň gatnaşandygyny aýtmak gerek. Olaryň arasynda Halkara Olimpiýa komitetiniň prezidenti Tomas Bah, BMG-niň ozalky baş sekretary Pan Gi Mun we beýlekiler bar. Olimpiýa alawynyň dowamynda estafeta gatnaşyjylar etrabyň çägindäki taryhy we medeni ýerlerde boldular. Estafeta gatnaşýan türgenler bilen surata düşmäge we duşuşmaga mümkinçilik döredildi.

Sen-Deni etrabynyň çägindäki estafetany Halkara Olimpiýa komitetiniň prezidenti Tomas Bah tamamlady. Şondan soňra Olimpiýa alawy açylyş dabarasynyň geçjek ýerine sary ugur aldy.

**www.sportcom.gov.tm**

**Olimpiýa alawynyň suraty «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň arhiwinden.**

# HENIZEM GIÇ DÄL, ŞU PURSATDAN BAŞLA

◆ Her bir hereket, her bir iş ynamdan başlanýar. Eger mekdep okuwçysy öý işlerini ýerine ýetirmänligi üçin mugallymyndan erbet baha aljagyna ynanmasady, öý işlerini ýerine ýetirmezdi. Türgen bu sportdan baş alyp çykjagyna ynanmasady, türgenleşige başlamazdy. Daýhan bol hasyl aljagyna ynanmasady, ekin ekmezdi. Telekeçi peýda gazanjagyna ynanmasady, söwda girmezdi. Ýaşlar bagtly durmuş gurup biljeklerine ynanmasalardy, durmuş toýuny tutmazdylar we şuňa meňzeş ýene milliardlarça mysal getirmek mümkin. Hemme zat ynamdan başlaýar. Gynansak-da, bu ynam her kimde deň derejede bolmaýar. Adamlaryň aglabasy ara sähelçe müňkürligiň ýa-da sähelçe kynçylygyň netijesinde, ynamlaryny ýitirmek bilen bolýarlar, dessine ruhdan düşüp, niýetlerinden we maksatlaryndan el çekýärler.

Bu ýerde bir zady bellemek gerek, ynam, bu işi başaryp biljegiňe hem-de bu işden diňe özüňe däl, eýsem köp kişä peýda boljagyna umytdyr. Eger ynam bolmasady, biz sportda ne dünýä rekordlaryny görerdik, ne taryhda, söweş meýdanlarynda azlyk bilen gazanylan ýeňişlere şaýat bolardyk, ne ylmy açyşlar bolardy, ne inženerçilik çözgütler, ne ýazylan eserler, ne-de gözüňi gamaşdyryjy sungat eserlerini görerdik. Adamzat taryhynda her bir amala aşyrylan işiň beýikligine laýyklykda ynam derejesi bolandyr.

Ynam maksatsyz mümkin bolarmy? Ynam maksada laýyk bolmalydyr. Meşhur rus serkerdesi Suworowyň: «General bolmagy maksat etmeýän esger erbet esgerdir» diýen sözleri ýerine düşer diýip pikir edýärin. Näçe sany dünýä belli ýazyjy-şahyrlaryňky ýaly eser ýazmagy arzuw edýän edebiýatçyny gördüňiz?! Näçe sany açyşy bilen dünýäniň müňlerçe meselelerinden birini çözmäge ýardam bermägi arzuw edýän alym gördüňiz?! Ýa-da, iň bolmanda, Nobel baýragyny almagy arzuw etmeýän barmy?! Näçe sany dünýä çempiony bolmagy maksat edinen türgen gördüňiz?! Bularyň barysy adamlaryň aglabasynyň özleriniň öňünde iňňän kiçi maksatlar goýýandygynyň aýdyň alamatydyr. Öňem biriniň, «Aglamaýan çaga süýt berilmez» diýlişi ýaly, sen islemeseň, maksat edinmeseň, arzuw etmeseň, nädip beýik maksatlara ýetjek? Nädip uly işleri amala aşyrjak? Sen, iň bärkisi, uly işleri amala aşyrmagy, beýik işleri bitirmegi maksadam edineňok ahbetin.

Owadan arzuwlardan ýüküni tutan gämiň durmuş deňzinde çaýkanyp duran bolsa, has gowy ýaşamagyň hatyrasyna sen ýaramaz endikleriňden saplanyp başla. Munuň üçin ýörite wagt belle we durmuş hakdaky pikir-hyýallaryňy, arzuw-maksatlaryňy, etsem-goýsamlaryňy gaýta-gaýta gözden geçir. Öz bärden gaýdýan häsiýetleriňi öwren we olaryň gaýtalanmazlygy, aýrylyp gitmegi üçin çalyş. Şol ýaramaz häsiýetleriňi üýtgetmäge jan et. Ýaramaz endiklere ýesir bolma. Ajaýyp häsiýetler bilen bezen we özüňi erkin hem-de dogumly duý.

Kapasa endik eden laçyn soňabaka asmana galmak höwesini we ukybyny ýitirýär. Onuň öýde gezýän towukdan tapawudy bolmaýar. Aňymyza ornan ýekeje ýalňyş düşünje bizi bir häsiýetiň kapasasynda saklap galýar. Ters düşünjeden saplanmak zerur. Näçe tiz bolsa, şonçada gowy. Adama kämilleşmek mahsus. Tebigatyň bagyş eden mümkinçiligini ulanyp bilmezlik — nygmaty harlamak bilen des-deň. Gowy häsiýetlere kem-kemden endik etmeli. Ýürekden ynanan ýeriňde, ýürekden ýapyşan ýeriňde eliňe geçmejek zat ýok. Magtymguly atamyzyň nygtaýşy ýaly, «bir menzile ýetmän galmarsyň».

Ilkibaşda bir zady mazaly öwrenýänçäk, uýgunlaşýançak we endik edýänçäk birbada ýadamagymyz gerek. Başda bir ýadap, endigiňe öwrüp bilseň, soňra şol işde argynlyk duýmarsyň. Öwrenýänçäk, endik edýänçäk ýadarys. Soňra şol işiň başyna bardygymyz, bes, hiç hili ýadawlygam duýmarys, irmerisem. Ýöne şol menzile ýetýänçäň birbada ýagyrnyňy derletmeli boljakdygyny ýadyňdan çykarma. Ilkibada ýadarsyň, öwrenersiň, ele alarsyň we dura-bara endige öwrersiň. Özüňize göz gezdirip görüň, endik eden zadyňyzda hiç ýadawlyk, argynlyk duýýan dälsiňiz.

Sagdyn ýaşamagyň özeni sportdur. Sport saglygyň ätiýaçlyk gurşawydyr. Maşk etmäge, sport bilen meşgullanmaga endik et, saglygyňa üns ber Yzygiderli ýerine ýetirilýän maşklar saglygymyzy berkitmegiň iň uly ýardamçysy. Gynansakda, köp adamlar sport bilen meşgullanmagy halap baranok. Sporta gerek mukdarynda üns-ähmiýet berenok. Diňe ençeme wagt geçenden soňra, «Irgözinden sporta gyzyklanan bolsadym» diýip, içgepletmelere çümýär oturýar. Käbir adamlar hatda şondan soňam ugruna çykyberenok. Nähili usuly amatly hasap etseňiz sport bilen meşgullanmagy endik ediniň. Isleseňiz, ýörite sport merkezlerine gatnaň ýa-da öýde sport abzallary boýunça türgenleşiň. Muňa mümkinçiligiňiz bolmasa, islendik bir ýerde çalt ýöräň, ylgaň, öýde ýa-da howluda käbir maşklary ýerine ýetiriň. Esasy zat, özümiziň güýç-gaýratymyzy, güýjümizi artdyrmagymyz, kämilleşdirmegimiz gerek. Näçe ir girişsek, şonça-da özümize bähbitlidir.

Her gün irden azyndan bir sagat töweregi maşk etmek peýdalydyr. Hiç bolmanda, ilkibada, her gün irden 5-10 minutlap maşk etmäge höweslenmeli. Esasy zat, özüň üçin öňüňde bir maksat goýup, oňa ýetmek üçin ynamly yhlas etmekdir. Haçan-da az-azdan maşk edip başlaňda kem-kemden özüňi rahat we ýeňil duýýandygyňa göz ýetirersiň. Bu ýolda azajyk yhlas etseň muny başarýandygyňa buýsanarsyň. Bu seni täze maksatlara we üstünliklere ruhlandyrar.

Eýsem näme üçin ýaponlar beýleki halklardan uzak ýaşaýarlarka?! Munuň syry näme? Göräýmäge, çylşyrymly hem däl eken. Ýaponlar her gün irden seýilgählerde topar bolup bilelikde maşk edýärler. Bu bolsa uzak ýaşamaga itergi berýän güýç, esas bolup durýar. Ýaponlar beýleki halklardan has uzak ýaşaýandygy bilen tapawutlanýar. Orta hasap bilen Ýaponiýada erkekler 81, zenanlar 88 ýyl ýaşaýar.

Geçirilen barlaglar arkaly gündelik maşk etmegiň sagdyn we uzak ömür sürmäge ýardam edýändigi kesgitlenildi. Maşk etmegiň sagdyn ýaşaýşa görnetin täsir edýändigi ýüze çykaryldy. Şotlandiýanyň Edinburg hem-de Hytaýyň Çžeszýan uniwersitetleriniň lukmançylyk fakultetleriniň bilermenleri giň gerimli barlag geçirdiler. 350 müňden gowrak adamyň gatnaşmagynda geçirilen barlagda gündelik maşk edýän adamlaryň sagdyn ýaşaýandygy, maşk etmeýänleriň bolsa, kesele sezewar bolma ukybynyň ýokarlanýandygy mälim edildi.

Fiziki taýdan işjeňlik adama güýç, çydamlylyk, çeýelik, tizlik, çalasynlyk berýär, onuň ünsüni artdyrýar. Fiziki maşklaryň kömegi arkaly keselleriň öňüni alyp bolýar. Milli mirasymyzyň dürdänelerinde: «Hereket öz edýän täsiri boýunça islendik dermanyň ornuny tutup biler, ýöne derman serişdeleriniň ählisi birigip, hereketiniň ornuny tutup bilmez» diýilýär. Şonuň üçin hem şu pursatdan durmuşyňy kämilleşdirmäge başla, hiç bir zat üçin heniz giç däl, hemme zat seniň eliňde, seniň islegiňe bagly, öz ýoluňy özüň saýla we bu ýolda ynamly gadamlar bilen barha öňe git!

**Bagtyýar GURBANBERDIÝEW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň talyby.**



# ФК «АРКАДАГ» ПРОВОДИТ СБОРЫ В РУМЫНИИ



◆ В настоящее время футболисты клуба «Аркадаг» под руководством главного тренера Владимира Байрамова проходят учебно-тренировочный сбор (УТС) в городе Брашов, Румыния, который продлится до 7 августа.

Здесь игроки готовятся к возобновлению чемпионата страны и дебюту в новом сезоне Лиги Вызова АФК (этот турнир стартует в конце октября).

Действующий чемпион Туркменистана и обладатель Кубка страны находится в Румынии с 18 июля и успел провести две товарищеские встречи с местными клубами.

В первой игре ФК «Аркадаг» сыграл с командой «АКС Кидс Тампа Брашов» и одержал победу со счётом 3:0. Забитыми мячами отметились Ресул Ходжаев, Дидар Дурдыев и Назар Товакелов.

Во второй встрече был обыгран «Сепси ОСК II» с крупным счётом 5:0. В этой игре голы забивали Дидар Дурдыев, Шаназар Тиркишов, Шаммамет Хыдыров, Ыхлас Сапармаммедов и Бегенч Акмаммедов.

www.salamnews.tm

# ТРАНСФЕРЫ В ТУРКМЕНСКОМ ФУТБОЛЕ

◆ **Трансферное окно в Высшей лиге Туркменистана по футболу подошло к концу. Клубы активно усиливали свои составы, готовясь к решающей стадии чемпионата сезона-2024. Ряд команд осуществил приобретения и произвел изменения в тренерском штабе.**

### «АРКАДАГ»

**Пришли**

Рустем Ахаллыев (вратарь, «Ахал»)
Оразберды Мырадов (тренер)

**Ушли**

Рахат Джапаров (вратарь, «Ахал»)

### «АХАЛ»

**Пришли**

Азат Рахманов («Ашхабад»)
Магтымберды Беренов («Небитчи»)
Рахат Джапаров (вратарь, «Аркадаг»)

**Ушли**

Шыхдурды Амандурдыев («Ашхабад», аренда)
Оразалы Бегназаров («Ашхабад, аренда)
Рустем Ахаллыев (вратарь, «Аркадаг»)
Довлет Аннаев (главный тренер, сборная Туркменистана U-20)

### «ШАГАДАМ»

**Пришли**

Али Гурбани (главный тренер)
Шатлык Курбанов («Ашхабад»)
Дидар Теджено в («Ашхабад»)
Ходжаназар Курбанов («Ашхабад»)
Мухамед Овезов (вратарь, «Энергетик»)

### «МЕРВ»

**Пришли**

Тимур Умиров («Энергетик»)
Мекан Язмырадов («Энергетик»)
Решит Черкезов («Энергетик»)
Фарид Камаледдинов («Энергетик»)

### «АШХАБАД»

**Пришли**

Тофик Шукуров (главный тренер)
Шыхдурды Амандурдыев («Ахал», аренда)
Оразалы Бегназаров («Ахал», аренда)
Шыхберды Байназаров («Копетдаг»)
Бяшим Гурбанбердыев («Небитчи», аренда)
Непесмырат Лаллаков (без клуба)
Овезмырат Овезмырадов (без клуба)
Акмырат Дурдыев (футзальный клуб «Денизчи»)

**Ушли**

Саид Сеидов (главный тренер, без клуба)
Азат Рахманов («Ахал»)

### «НЕБИТЧИ»

**Ушли**

Магтымберды Беренов («Ахал»)
Бяшим Гурбанбердыев («Ашхабад», аренда)

### «КОПЕТДАГ»

**Пришли**

Бегенч Гараев (главный тренер, «Копетдаг-2»)
Джумаев Джумамырат («Ашхабад»)

**Ушли**

Тофик Шукуров (главный тренер, «Ашхабад»)
Шыхберды Байназаров («Ашхабад»)

### «ЭНЕРГЕТИК»

**Ушли**

Мухамед Овезов (вратарь, «Шагадам»)
Тимур Умиров («Мерв»)
Мекан Язмырадов («Мерв»)
Решит Черкезов («Мерв»)
Фарид Камаледдинов («Мерв»)

www.turkmenportal.com

# MILLI ŽURNALISTIKANYŇ HÄZIRKI ZAMAN ÖSÜŞLERI



**(Başlangyjy goşundymyzyň 28, 29, 30-njy sanlarynda)**

### SÖHBETDEŞLIK ŽANRYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

◆ Redaksiýanyň tabşyrygy boýunça ýazylýan ýa-da taýýarlanylýan söhbetdeşlikler döwrüň, şu günüň öňe çykaran möhüm meseleleri ýa-da wakalary, täzelikleri bilen bagly bolup biler. Olar döwlet möçberinde, halkara derejesinde geçirilýän baýramçylyk çäreleri, maslahatlary wagtynda, şol çärelere gatnaşýan şahsyýetler bilen hem taýýarlanylyp bilner.

Adatça, Türkmenistan döwletimizde alyp barýan ugry boýunça köpugurly (uniwersal) ýa-da ýörite ugurly (profilleýin) gazet-žurnal neşirleri, teleradioýaýlymlar hereket edýär. Şuňa garamazdan, olaryň her biri umumydöwlet, ählihalk we halkara ähmiýeti bolan meseleler boýunça habarlara, makalalara, çykyşlara we söhbetdeşliklere öz sahypalaryndan giň orun berip bilerler. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynyň wise-başlyklygyna saýlanylmagy, şeýle-de BMG-niň we beýleki abraýly halkara guramalarynyň, olaryň düzümleýin edaralarynyň agzalygyna saýlanylmagy, dana Magtymguly Pyragynyň golýazmalar hazynasynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň sanawyna girizilmegi, Aşgabadyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri diýlip yglan edilmegi we ýene-de köpsanly buýsançly wakalar gazet-žurnallarymyzyň sahypalarynda, teleradioýaýlymlarda guralýan gepleşiklerde giňden ara alnyp maslahatlaşylýan, dürli derejede söhbetdeşlikler guralýan möhüm ugurlar bolup bilerler.

Şular ýaly möhüm ugurlar boýunça guralýan söhbetdeşliklerde söhbetdeş bolunýan şahsyýetiň (respondentiň) saýlanyp alnan ugur boýunça degişli bilimi, hünäri, tejribesi bolan, şonuň ýaly-da žurnalistiň sowallaryna jogap bermek üçin ýolbaşçy edarasy tarapyndan ygtyýarly edilen (kompotensiýaly) şahsyýet bolmagy ilkinji göz öňünde tutulmaly ýagdaýlaryň biridir.

Awtoryň öz gyzyklanmasy bilen ýazylýan söhbetdeşliklerde žurnalist özüni yzygiderli gyzyklandyryp gelýän ugurlary her taraplaýyn beýan etmäge çalyşýar.

Awtoryň öz gyzyklanmasy bilen ýazylýan söhbetdeşlikler barada şulary aýdyp geçmek möhümdir: birinjiden, awtor özüni gyzyklandyrýan ugruň jemgyýetçilik, okyjylar köpçüligi üçin hem gyzykly bolup biljegini göz öňünde tutmalydyr; ikinjiden, žurnalist özi üçin gyzykly bolan ugruň diňe öz gyzyklanýan çägindäki söhbetdeşlik bolmak bilen çäklenmän, eýsem jemgyýetçiligiň, okyjylaryň bu ugurda döräp biljek sowallaryna hem belli bir derejede jogap berip bilýän söhbetdeşlik bolup çykmagy üçin yhlas siňdirmelidir.

Awtoryň öz gyzyklanmasy bilen ýazylýan söhbetdeşlikler ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik ähmiýetli meseleler, wakalar, täzelikler bilen birlikde, meselem, žurnalistiň öz halaýan ýazyjysy, şahyry, aýdymçysy we beýleki şahsyýetler barada hem bolup biler. Şeýle söhbetdeşlikler gazet-žurnallarda çap edileninde, adatça, kimiň islegi, gyzyklanmasy boýunça taýýarlanylandygy görkezilip bilner.

Belli bir şahsyýetleriň, döredijilik adamlarynyň işi, durmuşy bilen tanyşdyrýan şeýle söhbetdeşliklerde, adatça, gahrymanyň esasy alyp barýan ugry (çeper döredijiligi, sportda gazanan üstünligi we ş.m.) boýunça ýeten derejeleri, özüni kämilleşdirmek boýunça alyp barýan işleri, türgenleşikleri barada söhbet etmek bilen birlikde, onuň jemgyýetçilik, ýaş okyjylar üçin görelde bolup biljek şahsy häsiýetleri, gün tertibi, söýgüli güýmenjeleri we beýleki taraplary barada maglumatlary täsirli edip beýan etmek bolar. Çünki žurnalist jemgyýete öz gahrymanyny tanatmak bilen bir hatarda şol gahrymanyň mysalynda jemgyýeti terbiýeleýändigini unutmaly däldir.

Köpçüligiň islegi nazarda tutulyp taýýarlanylýan söhbetdeşlikler okyjylar, diňleýjiler köpçüliginiň islegleri, haýyşlary göz öňünde tutulyp taýýarlanylýar. Halk köpçüligi özüni gyzyklandyrýan gündelik meseleler ýa-da öz halaýan döredijilik şahsyýetleri barada gürrüň berilmegini, olar bilen söhbetdeşlikleriň guralmagyny haýyş edip, gazet-žurnallaryň ýa-da teleradioýaýlymlaryň redaksiýalaryna ýüz tutýar. Şeýle söhbetdeşlikler çap edileninde ýa-da diňleýjilere, tomaşaçylara hödürlenende, redaksiýa tarapyndan olaryň zähmetkeşler köpçüliginiň haýyşlary boýunça taýýarlanylandygy bellenilýär.

Şeýle söhbetdeşlikler taýýarlanylanda, ozaly bilen, olarda gozgaljak meseleleriň halk köpçüligi üçin gyzykly mesele bolmagy, eger şahsyýetler barada taýýarlanyljak bolsa, şol şahsyýetleriň diňe bir kär-hünär kämilligi babatda däl-de, eýsem watansöýüjilik duýgulary, şahsy görüm-göreldesi babatda hem halk köpçüligine, ýaş nesillere görelde bolup biljekdigi babatda maglumatlary göz öňünde tutulmalydyr.

Belli bir adamlaryň haýyşlary boýunça taýýarlanylýan söhbetdeşlikler hem bolýar. Şeýle söhbetdeşlikler taýýarlanylanda, olaryň öňünden bu barada isleg bildiren raýatlaryň hatlary çap edilýär ýa-da okalyp eşitdirilýär.

**(Dowamy bar)**

**Mähri GAÝYPOWA,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň Žurnalistika kafedrasynyň uly mugallymy.**

# ALTYN GAPYLY AJAÝYP DÜNÝÄ

**Kitap adamzat durmuşynyň deňsiz-taýsyz gymmatlygy, gaýtalanmajak oýlap tapmasydyr. Biziň ata-babalarymyz kitaba aýratyn hormat goýupdyrlar. Muny biziň nusgawy edebiýatymyzyň naýbaşy eserleriniň üsti bilen hem aýdyň görüp bilýäris. Kitaba bolan hormat diňe bir biziň türkmen halkymyzda bolman, eýsem ol dünýäniň ähli künjeginde ähli halklar tarapyndan aýratyn sarpalanýan gymmatlyklaryň hataryna girýändir. Çünki kitap altyn gapyly ajaýyp dünýäniň açarydyr. Kitapda bolup geçýän wakalaryň hyýaly gahrymanlar bilen janlanýandygyna seretmezden, okamak endigi her bir okyjyda adamkärçiligiň belent häsiýetlerini terbiýeleýär.**

◆ Arheologiki tapyndylara görä ilkinji kitaplar iki müň ýyldan gowrak ozal peýda bolupdy. Olar agaçdan we mumdan ýasaldy.

◆ Ýer ýüzünde, takmynan, 130 million kitap bar. Bu kitaplaryň özleri däl-de, her dürli eserleriň sanyna degişlidir.

◆ Şekspiriň kitaplarynda «söýgi» sözi «ýigrenç» sözünden sse köp duş gelýär.

◆ Dünýäniň iň öndümli ýazyjysy aýda ortaça iki täze roman neşir eden Barbara Kartland bolupdyr.

◆ 1994-nji ýylda Bill Geýts Leonardo da Winçiniň "Kodeks Lester" eserini 30.8 million dollara satyn aldy. Şol hem iň gymmat bahadan satyn alnan kitap boldy.

◆ Kitap bilen baglanyşykly birnäçe rekord hasaba alyndy. 2012-nji ýylyň 13-nji noýabrynda Awstraliýada 998 adam kitaby kellesinde deňagramlylykda saklamakda rekord goýdy we ol Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.

◆ Dünýäniň iň uly kitaphanasy Waşingtonda ýerleşip, ol Kongressiň kitaphanasydyr. Bu kitaphana 1800-nji ýylda gurlupdyr.

◆ Hindistanyň Amritsar şäherindäki kitaphana dünýäniň iň kiçi kitaphanasy hasaplanylýar. Onda bary-ýogy bir sany mukaddes kitap saklanylýar.

◆ Fransuz ýazyjy Marsel Prust tarapyndan ýazylan «Ýitirilen wagtyň gözleginde» atly roman iň uzak wagta çeken roman hasaplanypdyr. Ol 7 tomda 1913 — 1927-nji ýyllar aralygynda ýazylypdyr.

◆ Kitap okamak biziň çalt garramagymyzyň öňüni alýar. Kitap okamak adamyň beýnisini işjeň ýagdaýa getirýär. Beýniniň işlemegi bolsa garrylygy birneme yza süýşürýär.

◆ Haýal okanymyzdan çalt okan wagtymyz gözlerimiz onçakly bir ýadamaýar. Adamlaryň 95 göterimi örän haýal, ýagny 1 minudyň dowamynda 180 — 220 söz okaýar (ýagny bir sahypany 1,5-2 minutda).

**Terjime eden Miwe DURDYÝEWA,**
**Kaka etrap Medeniýet bölüminiň merkezi kitaphanasynyň Mäne oba kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.**



# KITAP UMMANYNA SYÝAHAT

Adamyň kitap ýaly hakyky dosty ýokdur.
**Ernest Hemingueý, amerikan ýazyjysy.**

Kitapsyz otag ruhsuz beden ýalydyr. Eger seniň bag-bakjaň we kitaphanaň bar bolsa, saňa gerekli ähli zatlaryň bar boldugydyr.
**Markus Tullius Sisero.**

Gowy dostlar, gowy kitaplar we rahat wyždan: ine, ideal durmuş.
**Mark Twen, amerikan ýazyjysy.**

Men hemişe jennet kitaphananyň bir görnüşi diýip göz öňüne getirýärdim.

Öz ýany bilen kitap götermeýän adamlara hiç haçan ynanmaň.
**Lemoni Sniket.**

Kitaplary ýakmakdanam hem elhenç bolan jenaýatlar bar. Olaryň biri hem ony okamazlyk.
**Ýosif Brodskiý.**

Gürlemeziňden öň pikirlen. Pikirlenmegiňden öň oka.
**Fran Lebowitz.**

Kitaplar köňlüň aýnasydyr.
**Wirjiniýa Wulf, iňlis ýazyjysy.**

Diňe akylsyz adamlar edebiýatyň we şygryýetiň üsti bilen täsirlenmegi inkär edýärler.
**Kassandra Kler.**

Kitaplar aýna ýalydyr: eger akmak seretse, ondan zehinliniň çykmagyna garaşyp bolmaz.
**J.K.Rowling.**

Söz, ýazuw we kitaplar bolmadyk bolsady, taryh şeýle hem, ynsanperwerlik hakynda düşünje hem bolmazdy.
**Herman Hesse.**

Birzatlar öwrenmezden, kitaby açyp bilmersiň.
**Konfusiý, hytaý filosofy.**

Üç sany zat wagtyň geçmegi bilen hasam baýlygy artýar, ýakmaga köne tokaý, okamaga köne kitaplar, wagtyňy şat geçirmäge köne dostlar.
**Henry ford, amerikan oýlap tapyjysy.**

Gowy kitabyň soňy bolmaýar.
**Robert Frost, amerikan şahyry.**

Angliýanyň iki sany kitaby bar, Injil we Şekspir. Angliýa Şekspiri döretdi, Injil bolsa Angliýany.
**Wiktor Gýugo, fransuz ýazyjysy.**

Haçan gowy kitap okasaň, dünýäniň bir künjünde birnäçe ýagtylygy özüne kabul etmek üçin gapy açylýar.
**Wera Nazarian.**

**Iňlis dilinden terjime eden Joşgun PUHANOW, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby-deňiz institutynyň harby talyby.**



# KÖPLERIŇ DÜŞÜNÝÄN DILI

◆ Kiçijik Rehmediň sözi bilen ylalaşýanlar azam däldi, köpem. Ýöne ol özüniň pikirdeşleriniň köp bolmagyny isleýärdi. Ony otagda stoluň başynda kitap okap oturan dogany Ahmediň ýanyna alyp gelen hem şol islegidi.

Rehmet:

— Ahmet, meniň saňa bir sowalym bar: kötleriň düşünýän dili haýsy dil bolup biler? — diýip sorady.

Ahmet okap oturan kitabynyň täsirinden doly açylyp bilmän pikirlendi-de, soňra sanady:

— Iňlis ýa-da rus!

— Ýok, olar-a däl.

— Ýapon dili.

— Olam däl.

— Onda hytaý?

— Ýok, olam däl. Seret, Ahmet, şu öýde şol dile diňe biziň birimiz düşünemzok — diýip, Rehmetjik mekirlik bilen ýylgyrdy.

Ahmet haýran galdy. Öýde diňe biriniň düşünmeýän diliniň haýsydygy barada kän pikirlendi. Ahyry sowalyň jogabyny jigisiniň özünden soramasa bilmejegine gözi ýetdi.

— Aýdaý, jigim, men-ä bilmedim.

Rehmet ýylgyrdy.

— Ine, seret, sagadyň diline öýümizdäki adamlardan diňe körpämiz Mahmyt düşünenok.

Ahmet kaýyllyk bilen başyny atyp makullady-da, ýene-de kitapdaky gyzykly wakalar dünýäsine dolandy.

**Şasoltan ABDYLLAÝEWA,**
**Magtymguly adyndaky**
**TDU-nyň talyby.**

# WATAN

**Watan, gadymýetden berlen bagt sen,**
**Şeýle bir päkize söýgä beslenen.**
**Ebedilik orun alan kalbymda,**
**Watan diýip saza öwrülen ses sen.**

**Watanym, sen iki dünýä barymsyň,**
**Sensiň soňlanmajak bagtyň mesgeni.**
**Eý, keremli, keramatly Watanym,**
**Bu gün haýran edýäň bakan her kesi.**

**Owadan Diýarym, ata Watanym,**
**Gök ýaýlaňa çyksam, göwnüm açylýar.**
**Topragňa baş egip, sežde edemde,**
**Tebigatym bar baýlygyn eçilýär.**

**Senden beýik, senden mährem hem zyýat**
**Ýeriň, Gögüň arasynda näme bar?!**
**Ulus-iliň geçmişi hem geljegi —**
**Sende bu türkmeniň bagty jem, Diýar!**

**Bahar AÝDOGDYÝEWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen**
**döwlet uniwersitetiniň talyby.**

# TEGELEK STOLUŇ BAŞYNDA SÖHBETDEŞLIK

◆ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Lebap welaýat Geňeşi, Lebap welaýat baş kitaphanasynda Halk Maslahatynyň ähmiýetini giň halk köpçüligine ýetirmek maksady bilen «Türkmenistan täze ösüşlere ynamly öňe barýar» ady bilen tegelek stolyň başyndaky söhbetdeşlik geçirildi. Bu söhbetdeşlige TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Kerki etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri A.Joraýew, TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri D.Hemraýew hem-de beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

**Atajan JORAÝEW,**
**TMÝG-niň Kerki etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri.**





# DUŞUŞYK

◆ Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Gyzylarbat etrap birleşmesi hem-de «Balkandokma» Ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy bilen bilelikde, Kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň hukuk binýadyny pugtalandyrmak, zähmeti goramak we sagdyn howpsuz iş şertlerini döretmek bilen bagly kanunçylyk namalaryny düşündirmek boýunça ýörite iş meýilnamasy esasynda «Balkandokma» Ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ezber elli işgärleriniň arasynda «Berkarar döwletiň bagtyýar dokmaçylary» ady bilen okuw maslahaty geçirildi. Maslahatda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň dokma pudagynda öňe gidişlikleriň, özgerişlikleriň geriminiň hasda giňemegi netijesinde, belent sepgitlere ýetilendigi bellenildi.

**Aýnagözel MUHAMMEDOWA,**
**TKA-nyň Gyzylarbat etrap birleşmesiniň**
**esasy hünärmeni.**

# DANTE ALIGERI

◆ Dante Aligeri beýik italýan şahyry, pähimdary, italýan edebi dilindäki edebiýatyň binýadyny goýujylaryň biridir.

Dante Aligeri 1265-nji ýylyň maý aýynda dünýä inipdir. Şahyryň doly ady Durante di Aligero deli Aligeri bolupdyr. Maşgalada ýörgünli bolan rowaýatlara görä, Danteniň ata-babalary Florensiýany esaslandyrmaga gatnaşan Elizeýleriň Rim urugyndan gelip çykypdyr.

Döredijilik dünýäsinde Danteniň ilkinji halypasy şol döwürde uly meşhurlykdan peýdalanan şahyr we alym Brunetto Latini bolupdyr. Ol bu halypasyna ýörite ýazylan şygyrlary we «Täze durmuş» atly poemasynyň birnäçe bölegini bagyşlapdyr.

Dante Aligeri antik we orta asyrlar edebiýatyny, tebigy ylymlary gowy bilipdir. 1286-1287-nji ýyllarda Bolonýada ýaşamagy we bu ýerdäki uniwersitetleriň birinde okamagy edebiýat we jemgyýetçilik ugurly bilimleriniň çuňlaşmagyna täsir edipdir. Bu alan bilimleri soňra oňa 1296-1297-nji ýyllarda jemgyýetçilik ugurly işler bilen meşgullananda we 1300-nji ýylda jemgyýetçilik wezipelerine saýlanylanda mynasyp ýardam beripdir.

1302-nji ýyldan başlap Dante Aligeri dünýäniň birnäçe ýurdunda ýaşaýar we işleýär. Şol döwürlerde ol «Täze durmuş» atly poemasyny ýazyp tamamlapdyr. Bu poema şahyryň ilkinji söýen gözeli Beatriçe bagyşlanandyr. Eseriň ýokary çeperçilik, çuňňur liriki duýguçyllyk bilen ýazylmagy Danteniň we Beatriçeniň atlarynyň Ýewropada Petrarka bilen Lauranyň (Françesko Petrarka), Tristan bilen Izoldyň (Günbatar Ýewropa dessançylyk ýordumy, Galkynyş döwrüniň ýazyjy-şahyrlary tarapyndan gaýtadan işlenen keşpler), Romeo bilen Julettonyň (Wilýam Şekspir), Gündogarda Mežnun bilen Leýliniň, Ýusup bilen Züleýhanyň (Nurmuhammet Andalyp), Perhat bilen Şiriniň (Alyşir Nowaýy) we beýlekileriň atlary ýaly päk söýginiň nyşanyna öwrülip galmagyny esaslandyrýar.

Söz ussady toskan şahyrlarynyň «täze stil» diýip at alan edebi akymynyň wekili bolupdyr. Ýöne döredijilikde, öňden gelýän däpleri dowam etdiriji bolmak bilen çäklenmän, «Danteçilik şygryýeti», «Danteniň şygryýet mekdebi» diýen ýaly düşünjeleriň ýaýramagyny esaslandyran ajaýyp şygyr eserlerini döredipdir. Muňa ýazyjynyň kyssanyň we şygryň özboluşly utgaşmasyndan dörän «Täze durmuş», «Meýlis», «Ylahy komediýa» atly poema eserleri aýdyň mysaldyr.

Dante Aligeri hemişe öz içki dünýäsinde we daş-töwereginde bolup geçýän ýagdaýlara çynlakaý düşündiriş gözleýän pähimdar we şahyr bolupdyr. Hut şu hili oýlanyşyklylygy, içki bitewüligi, kesgitliligi, ýürek hyjuwlylygy we çäksiz-serhetsiz göz öňüne getirijilik ukyby onuň şygrynyň, şygyr düzüş täriniň özboluşlylygyny, eserleriň keşplere baýlygyny emele getiripdir.

Dante Aligeri 1316-1317-nji ýyllarda Rawenn şäherinde mesgen tutýar. Bu ýerde maşgalanyň, çagalaryň, dost-ýarlarynyň we öz döredijiliginiň muşdaklarynyň arasynda ýaşamak bilen, ýazyjy «Ylahy komediýa» eseriniň «Jennet» atly aýdymyny döredýär.

Dante Aligeri 1321-nji ýylda dünýäden ötüpdir. Şol ýylyň tomsunda ol Rawenn hökümdarynyň ilçisi hökmünde Wenesiýa baryp, Mukaddes Mark respublikasy bilen gepleşikleri geçiripdir. Yza gaýdyp gelýärkäler, şahyr ýowuz ýarawsyzlyga duçar bolup, Rawenne gelenlerinden uzak wagt geçmänkä — 13-nji sentýabrdan 14-nji sentýabra geçilýän gije jan berýär. Danteni Rawennde jaýlaýarlar.

1865-nji ýylda dogduk ýurdy Florensiýada şahyra ýadygärlik heýkel dikeldilipdir.




**Jeren ABDULLAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# DOSTOÝEWSKIÝ FÝODOR




◆ Fýodor Dostoýewskiý rus halkynyň meşhur ýazyjysy, akyldary, filosofy, publisistidir. Çuňňur durmuşy pelsepä eýlenen eserleri ýazyjynyň adyny dünýä edebiýatynyň taryhyna hemişelik girizdi. ÝUNESKO-nyň maglumatlaryna görä, ol dünýäde iň köp okalýan ýazyjylaryň biridir.

Fýodor Dostoýewskiý 1821-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda (käbir maglumatlara görä 11-nji noýabrynda) Russiýanyň Moskwa şäherinde dünýä inýär. Dostoýewo familiýasy «özygtyýarly», «abraýly», «mynasyp» diýen manylary aňladýar. Kozmo Pruktowyň dosty, Pruzhinin, Zuboskalow, Belopýatkin ýaly edebi tahalluslar bilen döreden eserleri hem bolupdyr. Kakasy Mihail Dostoýewskiý lukman bolupdyr. Ejesine Mariýa Fýodorowna Neçaýewa diýipdirler.

Geljekki beýik ýazyjy 1837 — 1844-nji ýylda patyşa Nikolaýyň adyny göterýän inženerçilik orta hünär okuw mekdebini tamamlaýar. Eserleri bilen tanşanyňda, ýazyjynyň dünýä edebiýatynda öçmez yz galdyran Onore de Balzak, Miguel de Serwantes, Çarlz Dikkens, Nikolaý Gogol, Jorj Hegel, Wiktor Gýugo, Aleksandr Puşkin, Fredrih Şiller ýaly ýazyjydyr şahyrlaryň döredijiligini oňat bilendigini duýmak bolýar. Dostoýewskiý 1843-nji ýylda meşhur fransuz ýazyjysy Onore de Balzagyň «Евгения Гранде» romanyny rus diline terjime edýär.

Fýodor Dostoýewskiý özboluşly döredijilik gözlegleri esasynda psihologiki kyssa görnüşiniň döremegine-de goşant goşýar. Eserleriniň birnäçesi heniz çap edilmänkä meşhur rus edebiýatçysy W. G. Belinskiniň öwgüsine mynasyp bolýar. Ol beýik rus şahyry Nikolaý Nekrasow bilen hem döredijilik gatnaşyklaryny saklapdyr.

Ýazyjy «Ak gijeler» atly powestiniň çap edilmegi bilen, okyjylar köpçüliginiň arasynda giň meşhurlyga eýe bolup başlaýar. Dogany Mihail bilen bilelikde «Время» («Döwür»), «Эпоха» («Eýýam») atly žurnallary neşir edýär. Şol žurnallarda ýazyjy özüniň hem birnäçe eserini çap edipdir. Dostoýewskiý Ýewropa ýurtlarynyň birnäçesine syýahat edip, bu döwürlerde hem iri kyssa eserlerini döredipdir. Ýöne ömrüniň soňky sekiz ýylynda Staraýa Russa şäherinde döreden romanlarydyr powestleri, hekaýadyr esseleri döredijiliginiň iň naýbaşy bölegi hökmünde ykrar edilendir.

Ýazyjynyň galamyna degişli 12 roman, 4 nowella,16 sany gysga hekaýa we beýleki ençeme eserleri okyjylara bellidir. «Ýetginjek», «Doganlar Karamazowlar», «Kiçijik gahryman», «Näzik ýürek», «Arça we toý», «Ýazyjynyň gündeligi» ýaly eserler ýazyjynyň adyna diňe rus edebiýatynda däl-de, dünýä edebiýatynda uly meşhurluk getirýär. Gadyr-gymmatyny ýitirmeýän bu ajaýyp eserler häzirki döwre çenli dünýäniň 170 diline terjime edildi.

Söz ussadynyň eserleri teatr, balet we opera sungatynda hem mynasyp orun eýeleýär. Bu sahna eserleri tomaşaçylar tarapyndan uly gyzyklanma bilen garşylanýar.

Fýodor Dostoýewskiý 1881-nji ýylda, 50 ýaşynyň içinde Sankt-Peterburgda dünýäden ötýär. Ol rus edebiýatynyň nusgawy we dünýä ähmiýetli iň oňat romançysy diýlip ykrar edilendir. Ýazyjynyň doglan gününiň 200 ýyllygy mynasybetli 2021-nji ýyl ÝUNESKO tarapyndan «Dostoýewskiý ýyly» diýlip yglan edildi.

**Täzegül AZIZOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# OLIMPIÝA OBASY

**Olimpiýa obasy islendik Oýunlaryň möhüm bir nokady. Eýsem «Pariž — 2024» Oýunlaryna gatnaşýan türgenleri bu ýerde bina edilen Olimpiýa obasy nämeler bilen garşylady?! Şu çykyşymyzda Olimpiýa obasy barada gürrüň bereris.**

◆ «Olimpiýa — 2024-iň» baş binalary hut şu türgenler üçin obadyr. Bu ýerde meýdançalary beýle uly göwrümde guranoklar: iki sany täze düýpli (stassionar) stadion, galanlary ýa-ha wagtlaýyn gurlan, ýa-da öňden işläp gelýänler.

Ýöne Oýunlara gatnaşýan türgenlerdir ýygyndy toparlaryň hünärmenleri üçin ýaşaýyş jaýlaryny welin, başda aýdyşymyz ýaly, tarpdan gurdular. Oba Parižiň demirgazygynda, şäheriň merkezinden 9 kilometr daşlykda ýerleşýär. Ony gurmak üçin Oýunlarsyz hem täze ýaşaýyş jaýlaryna we ösen infrastruktura mätäçlik çekýän etraby saýlap aldylar. Munuň özi şäher häkimiýetleriniň guramaçylyk komitetiniň öňünde goýan esasy wezipeleriniň biri — Parižiň mundan beýläk gülläp ösmegine goşant goşmaly. Bu babatda fransuzlar üçin Rio-de Žaneýro oňaýsyz görelde boldy. Ol ýerdäki Olimpiýa toplumlary Oýunlar geçirilenden 8 ýyl soň taşlanyp gidilen boşluga öwrülip galypdy.

Parižдäki Olimpiýa obasy Sena derýasynyň kenar ýakasynda 53 gektar meýdanda ýerleşendir. Öň bu ýerde önümçilik toplumlary bolupdy, soň hem uzak ýyllar boş ýatypdy. Indi olaryň ýerinde Olimpiada wagtynda 15 müň türgeni, soň Paralimpiada döwründe 9 müň türgeni kabul edip biljek toplum binalary gurdular.

Gurluşyk işleri 7 ýyllap dowam etdi. Bu gurluşyk işleri Pariž üçin 1,85 milliard amerikan dollaryna düşdi. Ýöne bu döwrüň dowamynda duçar bolnan her hili kynçylyklara garamazdan, başdan bellenilen býujetiň çäginde ähli çykdajylary ýapmak mümkin boldy.

«Bu gün beýik gündür» diýip, ýurduň Prezidenti Emmanuel Makron şu ýylyň fewral aýynda bolup geçen Olimpiýa obasynyň açylyş dabarasynda belläp geçdi.

Toplum özünde 3 müň öýi, 7 müň 200 nomeri, 3 müň 500 adamlyk restorany, şeýle hem türgenler üçin ähli oňaýlyklary: gije-gündiziň dowamynda işleýän gospitaly, dükany, hereket edýän iýmitleniş nokatlaryny, dellekhanalary we sport lokasiýalaryny özünde ýerleşdirýän 82 sany jaýdan ybaratdyr.

Guramaçylar türgenleşik toplumlarynyň ählisiniň obadan 20 minutlyk ýoldan daş bolmadyk aralykda ýerleşýändigini, şonuň ýaly-da Oýunlara gatnaşýanlaryň 85 göteriminiň ýaryşlaryň geçirilýän ýerlerinden 30 minutlyk ýoldan daş bolmadyk aralykda ýaşaýandyklaryny aýdýarlar. Obanyň çäginde ýörite awtobuslar bellenilen ugurlar boýunça hereket edýärler. Awtobus duralgasyndan gerekli ýeriňe çenli elektrowelosipedlerde hem barmak bolýar.



Binalary Pariži 2050-nji ýyla çenli ösdürmegiň konsepsiýasyny nazara almak bilen gurupdyrlar. Onda ekologiki aýratynlyklara üns berlipdir. Şol sebäpli gurluşykda pes uglerodly betony ulanypdyrlar, beýikligi 28 metrden pes bolan binalar, esasan, agaçdan gurlupdyr. Şular bilen birlikde, hususan-da, ýaşaýyş jaýlarynyň çykylýan tarapy bolan Senanyň kenarynyň gyralarynda ýaşyl zolaklar döredilipdir. Jaýyň üçekleri olarda guşlar we möjekler ýaşap biler ýaly edilip gurlupdyr.

Pariž häkimiýetleriniň esasy maksatlarynyň biri gurlan obýektleri şäheriň geljegine laýyklykda döwrebaplaşdyrmakdan ybaratdyr. Şol sebäpli, Paralimpiada tamamlanandan soň, obany ýaşaýyş toplumyna öwürmek üçin gaýtadan işlärler. Otaglardaky aýmançalary aýrarlar, aşhanalary enjamlaşdyrarlar, diwarlary gaýtadan reňkläp, parketleri düşärler. Täze etrapçada 2800 öý, 120 müň inedördül metri edara üçin otaglar, şeýle hem dükanlar, iki mekdep we seýilgähler bolar. Täze etraba 6000 adamyň göçüp barmagy meýilleşdirilýär.

Esasy obadan başga-da Parižde ýaryşlaryň geçiriljek etraplarynda: Şatorda, Lillde, Marselde ýaşaýyş meýdançalary döredildi. Şeýle hem Oýunlar wagtynda Taitide sörfingçi türgenler syýahat edilýän gämide ýaşarlar.

**«Türkmenistan Sport» halkara žurnaly.**






**Suratlar «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň arhiwinden.**

# TÜRKMEN DZÝUDOÇYLARY PARIŽ OLIMPIÝA OÝUNLARYNDA ÇYKYŞLARYNY TAMAMLADYLAR




◆ Parižde geçirilýän XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda dzýudoçylar erkekleriň arasynda 66 kilograma, zenanlaryň arasynda 57 kilograma çenli agram derejesinde medallar ugrunda bäsleşdiler.

Bu ýaryşda 2024-nji ýylda Duşanbede geçirilen «Uly tuwulganyň» çempiony, 20 ýaşly Serdar Rahymow bilen Hytaýyň Hançžou şäherinde geçen XIX tomusky Aziýa oýunlarynyň we Türkiýäniň Antalýa şäherinde geçirilen «Uly tuwulga» ýaryşynyň bürünç medalynyň eýesi Maýsa Pardaýewa Türkmenistana wekilçilik etdiler. Erkekleriň arasynda 66 kilograma çenli agram derejesinde 27, zenanlaryň arasynda 57 kilograma çenli agramda 28 türgen baýraklar ugrunda bäsleşdi.

Türkmen olimpiýaçylaryndan dünýä görkezijisinde 29-njy orny eýeleýän Serdar Rahymow ilkinji bolup tutluşyga çykdy. Ol birinji aýlawda 2022-nji ýylda Afrikanyň çempiony we 2024-nji ýylda yklym birinjiliginiň bürünç medalynyň eýesi, 27 ýaşly angolaly Pedro Edmilsona garşy göreşdi. 2024-nji ýylyň Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasynda toparymyzyň baýdagynyň göterijisi üçin ilkinji tutluşyk ýeňil bolmady. Tutluşygyň tamamlanmagyna 50 sekunt galýança ildeşimiz dünýä görkezijisinde 58-nji orny eýeleýän angolaly garşydaşyndan bir «waza-ari» bilen ýeňilýärdi, garşydaşy iki duýduryş alypdy. Şeýle-de bolsa, göreşiň tamamlanmagyna 34 sekunt galanda E.Pedro üçünji gezek «şido» aldy. Onsoň emin oňa «hansoku-make» berdi. Bu bolsa düzgünleri bozandygy üçin ýaryşdan çykarylmagy aňladýar.

1/8 finalda Serdar has güýçli garşydaşy — Panamerikanyň we Okeaniýanyň 24 ýaşly häzirki çempiony, 2019-njy ýylda ýetginjekleriň arasynda dünýä çempiony, «Uly tuwulga» ýaryşlarynyň ençemesiniň ýeňijisi we baýrakli orunlarynyň eýesi, dünýä görkezijisinde 8-nji orunda barýan Willian Lima (Braziliýa) bilen tutluşmaly boldy. Iki aý mundan öň Abu-Dabide (BAE) geçirilen dünýä çempionatynda olar tutluşypdylar. Şonda S.Rahymow üç duýduryş sebäpli ikinji aýlawda ondan ýeňlipdi. Gynansagam, Pariždäki Olimpiýa oýunlarynda hem ýene şeýle ýagdaý gaýtalandy.

Tejribesi ýetik W.Lima Serdara ýeke tilsim ulanmaga-da maý bermedi, üçünji minutda üç «şido» alandan soň, emin dzýudoçymyza «hansoku-make» yglan etdi. Braziliýaly dzýudoçy türgenimizi ýeňip, finala çykdy we iki gezek Olimpiýa çempiony bolan 26 ýaşly Hifuma Abeden (Ýaponiýa) iki «waza-ari» bilen ýeňlip, kümüş medal bilen oňmaly boldy.

Dzýudo ýaryşynda Türkmenistanyň ikinji wekili — 57 kilograma çenli agram derejesinde dünýä görkezijisinde 19-njy orny eýelän Maýsa Pardaýewa 2023-nji ýylda Warşawada geçen Ýewropanyň açyk çempionatynyň, 2023-nji ýylda Gazagystanda «Uly tuwulga», Duşanbede geçen Naýbaşy baýrak we 2024-nji ýylda Gonkongda geçirilen Aziýa çempionatynyň bürünç medalynyň eýesi Hytaýdan 29 ýaşly Saý Sini ynamly ýeňip, Olimpiýa oýunlaryna ýeňiş bilen başlady.

Maýsa onuň bilen öňem üç gezek tutluşypdy. Geçen ýylyň mart aýynda Tbiliside geçirilen «Uly tuwulga» ýaryşynda hytaýly türgen ýeňiş gazandy. Hançžouda geçirilen XIX tomusky Aziýa oýunlarynda we Türkiýede geçirilen «Uly tuwulga» ýaryşynda bürünç medal ugrunda iki söweşde-de ildeşimiz üstün çykypdy. 2024-nji ýylyň Pariž Olimpiadasynda-da tutluşyk Maýsanyň rüstemliginde geçdi, ol 3-nji minutda «ippon» bilen mynasyp ýeňdi.

1/8 finalda M.Pardaýewa dünýä görkezijisinde 4-nji orunda barýan, 2016-njy ýylda Rio-de-Žaneýroda Olimpiýa çempiony bolan, dünýäniň iki gezek çempiony braziliýaly 32 ýaşly Rafaela Silwa bilen bäsleşdi. Ol Maýsa heniz 4 ýaşyndaka dzýudo çempionatlaryna we dünýä çempionatlaryna gatnaşyp başlapdy. Soňky 15 ýylda R.Silwa iri halkara ýaryşlarynda 22 altyn, 18 kümüş we 21 bürünç medal gazandy.

Tejribe ýaşlykdan rüstem geldi. Söweşiň 2-nji minutynda M.Pardaýewa agyryly tilsime düşüp, ýeňlendigini boýun almaga mejbur boldy. Ildeşimizi ýeňen Rafaela Silwa soňra ýarym finala çykdy, şol ýerde Koreýa Respublikasynyň wekilinden utuldy, soň bolsa bürünç medal ugrundaky ýaryşda dünýäniň üç gezek çempiony 25 ýaşly Haruka Funakubodan (Ýaponiýa) ýeňildi. Ikinji bürünç medaly Rio-de-Žaneýroda (Fransiýa) 2016-njy ýylda geçirilen Olimpiýa oýunlarynyň kümüş medalynyň eýesi 26 ýaşly Sara-Leoni Sizik (Fransiýa) eýeledi. Dünýäniň iki gezek çempiony Krista Deguçi 57 kilograma çenli agramda 2024-nji ýyldaky Olimpiýa oýunlarynyň çempiony boldy. Finalda ol dünýäniň häzirki çempiony Mimi Hany (Koreýa Respublikasy) ýeňip, Kanada üçin dzýudo boýunça ilkinji Olimpiýa altyn medalyny gazandy.

Türkmenistanyň Dzýudo federasiýasynyň ýolbaşçylary we tälimçiler topary hem aýratyn goldaw sözlerine mynasypdyr. Milli federasiýanyň başlygy Welmyrat Gurbanmyradowyň, ýurdumyzyň zenanlar we erkekler milli ýygyndy toparlarynyň uly tälimçileri Tatýana Widýasowanyň, Gahryman Amandurdyýewiň we milli ýygyndynyň baş tälimçisi, ýapon hünärmeni Kazuhiko Tokunonyň tagallalary netijesinde türkmen dzýudo mekdebi bütin dünýäde meşhur boldy. Indi dzýudoçylarymyz diňe bir bürünç däl, eýsem altyn medallar, şol sanda «Uly tuwulga» ýaryşlarynda, iri halkara ýaryşlarynda üstünlik gazanyp başladylar.

**www.turkmenistan.gov.tm**



## ЧТО ДЕЛАТЬ ЕСЛИ...

— Если меня кто-то оскорбляет и пытается провоцировать что мне делать?

Учитель задумался:

— Если кто-то подойдет к тебе с подарком и ты не примешь его, кому будет принадлежать подарок?

— Своему прежнему хозяину, — ответил я.

— Тоже самое касается зависти, ненависти и ругательств. До тех пор, пока ты не примешь их, они принадлежат тому, кто их принес.

## ТО, ЧЕМ НАПОЛНЕНА ДУША

Однажды несколько людей нарочно громко осуждали человека, когда тот проходил по их кварталу. Тот все слышал, но ответил им улыбкой и пожелал здравствовать. Некто спросил его:

– Ты улыбался и желал этим людям здоровья, неужели ты не испытывал к ним злости?

На что мужчина ответил:

– Когда я прихожу на рынок, я могу тратить только то, что есть у меня в кошельке. Так же и при общении с людьми – я могу тратить только то, чем наполнена моя душа...

## БУТОН РОЗЫ И ШИПЫ

Однажды человек посадил розу, искренне за ней ухаживал, поливал... Он видел шипы и нераскрывшийся маленький бутон. Подумав, что ничего красивого из растения с шипами не сможет вырасти, он опечалился и забросил поливать розу. Цветок погиб, так и не успев расцвести.

Все божественные качества установлены в нас с рождения, они растут посреди шипов из наших ошибок.

Многие из нас смотрят на себя и видят только эти «шипы» — дефекты. Мы отчаиваемся, думая, что ничего хорошего не сможет произрасти из нас.

Одна из величайших наград, которой может обладать человек – способность пробраться сквозь колючки и шипы другого и найти внутри его Розу. Это одно из свойств Любви — видеть человека, знать его ошибки и не прогонять его из своей жизни, уважая благородство, которое есть в его душе.

Помогайте другим понять, что они могут преодолеть свои ошибки. Если показать им эту «Розу» в них, они преодолеют свои шипы. Только тогда они будут постоянно цвести.

## НЕ ТЕРЯЙТЕ СВОЕГО ДОБРОГО СЕРДЦА

Однажды старец увидел змею, гибнущую в огне, и решил вытащить её из пламени. Когда он сделал это, змея ужалила его, вызвав нестерпимую боль. Он отбросил змею, и она снова упала в огонь.

Тогда старец схватил металлический шест, вытащил змею из пламени и спас ей жизнь.

Один из учеников, наблюдавших за этим, почтительно обратился к нему:

«Отче, эта змея укусила тебя, почему ты по-прежнему пытаешься спасти её?»

Старец ответил: «Натура рептилий – кусать, но это не должно менять мою натуру — помогать».

Не меняйте своей сущности только потому, что кто–то ранил вас.

Не теряйте своего доброго сердца, но научитесь принимать меры предосторожности.

## КОМНАТА

Один старый и очень мудрый человек сказал своему другу:

— Рассмотри комнату, в которой мы находимся, получше, и постарайся запомнить вещи коричневого цвета.

В комнате было много чего коричневого, и друг быстро справился с этой задачей. Но мудрый китаец ему задал следующий вопрос:

— А теперь закрой глаза и перечисли все вещи синего цвета.

Друг растерялся и возмутился:

— Я ничего синего не заметил, ведь я запоминал только вещи коричневого цвета!

На что мудрец ответил:

— Открой глаза, осмотрись — ведь в комнате очень много вещей синего цвета.

И это было чистой правдой.

Тогда старик продолжил:

— Если ты ищешь в комнате вещи только коричневого цвета, а в жизни — только плохое, то ты и будешь видеть только их, замечать исключительно их, и только они будут тебе запоминаться и участвовать в твоей жизни.

Запомни: если ты ищешь плохое, то ты обязательно его найдешь и не заметишь ничего хорошего.

## СТАЯ ВОЛКОВ И ТРИ ОХОТНИКА

В волчьей стае Старый Вожак решил назначить себе преемника. Он подошел к самому смелому и сильному Волку и сказал:

— Я старею, поэтому назначаю тебя Новым Вожаком стаи. Но ты должен доказать, что достоин. Поэтому возьми лучших Волков, сходи на охоту и добудь еды на всю стаю.

— Хорошо, — сказал Новый Вожак и ушел с 6 волками на охоту. И день его не было. И вечер его не было. И когда наступила ночь, стая увидела 7 волков, гордо несущих добытую еду. Все были цели и невредимы.

— Расскажи мне, как все было, — попросил Старый Вожак.

— О, это было легко. Мы искали добычу, а потом увидели 10 охотников, идущих с охоты с добычей. Мы напали на них, разорвали в клочья, а добычу взяли себе.

— Молодец. Завтра пойдешь еще раз. На следующий день 6 волков и Новый Вожак опять пошли на охоту. И день их не было. И вечер. И ночь. И утро.

И вот лишь днем на горизонте показался 1 истощенный волк. Это был Новый Вожак — весь в крови, с изодранной шерстью, хромой и еле живой.

— Что случилось? — спросил Старый Вожак.

— Мы зашли далеко в лес и долго искали добычу и увидели троих охотников, идущих с охоты с добычей. Мы напали на них, но они оказались сильнее нас. Они убили всех моих воинов, я коекак смог спастись.

— Но как же так?! — удивился Старый Вожак, — Вчера вы с легкостью победили 10 охотников, а сегодня не смогли справиться с тремя?!?!

— Да, но вчера это была просто группа из 10 охотников, а сегодня это были 3 лучших друга!



# ТУРКМЕНСКИЕ ФУТБОЛИСТЫ ЗАВОЕВАЛИ ТРИ БРОНЗЫ НА МЕЖДУНАРОДНОМ ДЕТСКОМ ТУРНИРЕ В ГЕРМАНИИ




◆ Футбольная команда «Алтын Тач» из Ашхабада успешно выступила на международном детском турнире Laola Cup 2024 в Гамбурге, завоевав три бронзовые медали в различных возрастных категориях. Юные спортсмены из Туркменистана продемонстрировали высокий уровень игры, соревнуясь с командами из более чем 46 стран мира, сообщает Jankoyer.

Турнир собрал около 200 команд в пяти возрастных категориях. «Алтын Тач» был представлен тремя составами – игроками 2009, 2011 и 2013 годов рождения.

Особенно напряженной оказалась борьба в категории до 15 лет, где туркменская команда в матче за третье место сошлась с хозяевами турнира. После ничьей 2:2 в основное время судьбу бронзовых медалей решила серия пенальти, в которой «Алтын Тач» U-15 одержали победу со счетом 2:1. Отличную игру продемонстрировал вратарь команды Азим Абаев, отразивший два удара из трех.

В младших возрастных категориях – до 13 и до 11 лет – туркменские футболисты также показали достойные результаты, завоевав бронзовые награды в упорной борьбе с соперниками из разных стран.

Стоит отметить, что выступление в Гамбурге – не единственный международный опыт для «Алтын Тач» в этом году. Месяцем ранее команда приняла участие в турнире Mallorca International Football Cup 2024 в Испании, где соревновалась с более чем 275 командами со всего мира.

**www.turkmenportal.com**

## LEBRON JEÝMS OLIMPIADA GATNAŞÝAN ILKINJI MILLIARDER

Amerikaly basketbolçy Lebron Jeýms taryhda Olimpiýa oýunlaryna gatnaşýan ilkinji milliarder bolar. Muny 39 ýaşly türgeniň baýlygyny 1 milliard dollar bilen bahalandyrýan «Forbes»neşiriniň maglumatlary delillendirýär.

«Los-Anjeles Leýkersde» çykyş edýän Jeýms dünýäniň iň köp hak alýan türgenleriniň sanawynda 119,5 mln dollar girdeji bilen dördünji orny eýeleýär. Nike, Kia, Walmart we beýleki kompaniýalar bilen şertnamalardan başga-da, Jeýms sport işine işjeň maýa goýýar.

Ýakynda ol «Liwerpul» futbol kluby, «Boston Red Soks» beýsbol kluby we «Pittsburg Pingwinz» hokkeý kluby ýaly abraýly sport klublaryna eýeçilik edýän Fenway Sports Group-da paýyny artdyrdy.

Mundan başga-da, Jeýms repçi Dreýk we Golliwud aktýory Kris Pratt bilen bilelikde ABŞ-da we Demirgazyk Amerikada erkekleriň arasynda professional golf gezelençlerini gurnaýjy PGA Tour-a, takmynan, 3 milliard dollar maýa goýdy diýip, The New York Times neşiri ýazýar.



## OLIMPIÝA OÝUNLARYNDA NOWAK JOKOWIÇ ALTYN MEDAL GAZANDY

Parižde dowam edýän Olimpiýa oýunlarynyň çäklerinde tennis boýunça ýaryşyň ikinji aýlawynda serbiýaly tennisçi Nowak Jokowiç ispaniýaly türgen Rafael Nadaldan üstün çykdy.

1/16 final tapgyrynyň ýaryşy 1 sagat 44 minut dowam etdi we 6:1, 6:4 hasap bilen tamamlandy. Şol duşuşyk tennis äleminde ady rowaýata öwrülen bu iki türgeniň hasap boýunça 60-njy duşuşygy boldy. Nowak 31 gezek, Nadal bolsa 29 gezek ýeňiş gazandy. 1/8 finalda Jokowiç Dominik Kepferden (Germaniýa), 1/4 finalda S.Sisipasdan (Gresiýa), 1/2 finalda L.Muzettiden üstün çykmagy başardy. Finalda ispaniýaly K. Alkarasy ýeňip, çempion boldy.

Ýekeleýin görnüşdäki ýaryşdan gaýdandan soň, Nadal Pariž Olimpiadasynda jübütleýin ýaryşda çykyşyny dowam eder. Bu ýerde ol Karlos Alkaras bilen ikinji aýlawa çykdy.



**Surat «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň arhiwinden.**





**(Конец. Начало в предыдущих номерах)**

## СОВРЕМЕННОЕ ПЯТИБОРЬЕ

